# Sumbar nagmalary

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Sumbar nagmalary



TOÝ GÜNI
Aýaklar ýeňleşer, kelleler göçer,
Juwan ýürekleriň birleşen güni.
Durmuş täze depder sahabyn açar,

Juwan ýüreklerin birleşen güni.

Çaga bilen, arzuw bile doglupdy,
Ene bagtly, zordan dünýä sygyp dur,
Çar tarapdan alkyş sözler ýagyp dur,
Juwan ýürekleriñ birleşen güni.

Pälwanlar çyzgaşyp durlar baldyryn,
Bedewler süýnerler göýä ýyldyrym,
Bagşylar diýirler: «Men bilbildirin»,
Juwan ýürekleriñ birleşen güni.

Ýüregi ýürege eýleýip bagyş,
Otyr göýä iki sany gumry guş,
…Ine, şeýdip dowam edýär ýaşaýyş,
Juwan ýürekleriñ birleşen güni.

* * *

## BAGBAN BOLAÝYN

Sen bagda gül, men bolaýyn bilbiliñ,
Diýmejegim hakdyr meñ size hergiz.
Bilbil baglardaky bar güle aşyk,
Men welin, bir sen söýýärin çäksiz.

Sen elwan gül, gunçalaryñ solmasyn,
Men saýa salaýyn, güneş bolaýyn.
Her günde timarlap gözel keşbiñi,
Müşki-anbar yslaryñdan doýaýyn.

Durmuşyñ, ýaşaýşyñ gülüsiñ güli,
Miwesi egsilmez güllän daragtyñ.
Hyzmatyñda dursam bagbanyñ bolup,
Ezizim, gül açar, gül açar bagtyñ.

* * *

## ILE GEREKLI BOLMAK

Waharman gawuny nähili süýji,
Şonda-da paçagyn oklaýas mala.
Süýji-süýji söze ynanyp käte,
Birdenem düşýäris ýaramaz hala.

Ganañsoñ bulagyñ şerbet suwundan,
Çeşme ýatdan çykýar, yzda taşlanýar.
Adamzatda ýagşy zady unutmak,
Mümkingadar şu zatlardan başlanýar.

Durmuş ýörelgesi zarlyk hem barlyk,
Barly bolsañ, dost tapylýar daşyñda.
Ile gerekli bol, ýörelgäñ bolsun,
Şonda hiç wagt zarlyk bolmaz başyñda.

Öte syr saklama iliñ-günüñden,
Pis maksadyñ azaşdyrar ýoluñdan.
Öz bähbidiñ arap özüñ pis etme,
Il söýmese, peýda bolmaz puluñdan.

* * *

## KÄMILLIK

Adam kämil bolup dünýä inmeýär,
Şahsyýetiñ kämilleşdir añ bilen.
Käriñe ökdeläp, kämillik alsañ,
Mertebäñ, hatyrañ öser şan bilen.

Akly bary akyllylar saýlaýar,
Olar kämil, gepi-sözi ýerinde.
Küýseg, söýgi, ýigrenç paýhasda bolsa,
Bu bitewlik päklik saklar teniñde.

Halypadan öwren, kitaplar oka,
Kämilligiñ össe, il-günüñ halar.
Kämillik imandyr, kämillik sogap,
Kämiller nanyny iýýändir halal.

* * *

## ÝAŞYL TUGUMDA

Teke, ýomut, gökleň, ýazyr, aliliň,
Birligin görýärin ýaşyl tugumda.
Beýik Pyragynyň arzuw, hyýalyn,
Barlygyn görýärin ýaşyl Tugumda.

Seljukdan, Oguzdan galan ýaşyl reňk,
Bu gün kalbymyzda ornaşypdyr berk,
Garaşsyz döwlete biz edýäris erk,
Erkimi görýärin ýaşyl Tugumda.

Ýaşyl reňki dagym, düzüm ýaýlagym,
Ýaşaýşyň çeşmesi – uly baýlygym,
Desde agajy golumdaky saglygym,
Baýlygy görýärin ýaşyl Tugumda.

Bu gün men göterýän, soň götär neslim,
Guwansak bu Tuga hiç ýitmez aslym,
Bally Sülleýmandyr soralsa ismim,
Aslymy görýärin ýaşyl Tugumda.

* * *

## AKBULAK

Jülgeleň için söküp,
Akyp gelýär Akbulak.
Çar ýana güller ekip,
Akyp gelýär Akbulak.

Aýdym aýdyp, saz edip,
Ýüz dürli owaz edip,
Göwünleri ýaz edip,
Akyp gelýär Akbulak.

Her damjasy dermandyr,
Içen teşne ganýandyr,
Içmedikler – armanda
Akyp gelýär Akbulak.

Şerbet suwña teşne men,
Çeşme bilen aşna men,
Men niçiksi joşmaýyn,
Akyp gelýär Akbulak.

Süleýman ÖWEZOW. Goşgular